#103 (125)
среда, 14 декабря 2022 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



2022-nji ýylyň 9-njy dekabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we halkara guramalaryň ýanyndaky wekilhanalarynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň daşary syýasatyna degişli wajyp meselelere garaldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisi açyp, ýene-de birnäçe günden biz uly baýramy — Halkara Bitaraplyk gününi belläp geçeris diýip nygtady hem-de ýygnananlary we olaryň üsti bilen ähli türkmen halkyny bu şanly sene bilen tüýs ýürekden gutlap, berk jan saglyk, abadançylyk, bagtyýar durmuş we uly üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow, däp bolşy ýaly, jenaýat edendikleri üçin iş kesilen we eden etmişlerine ökünip, ak ýürekden toba gelen raýatlaryň ählihalk baýramlarynyň öň ýanynda günäleriniň geçilýändigini belledi. Beýik ata-babalarymyzyň rehimdarlyk we ynsanperwerlik ýörelgelerinden ugur alyp, olary jeza çekmekden boşatmak ýaly sahawatly çäreleri yzygiderli geçirip durýarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Raýatlyk we günä geçmek meseleleri boýunça teklipleri taýýarlamak baradaky toparyň başlygy B.Gündogdyýewe söz berildi. Ol Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli degişli topar tarapyndan geçirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Asylly däbe eýerip, döwlet Baştutanymyz iş kesilen 308 raýatyň ýetip gelýän baýramçylyk mynasybetli günäsini geçmek baradaky Permana gol çekdi we toparyň başlygyna harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary bilen bilelikde günäsi geçilen adamlary tussaglykdan boşadyp, olar ýakyn wagtda öýlerine — maşgala agzalarynyň arasyna barar ýaly, ähli zerur işleri geçirmegi tabşyrdy. Hormatly Prezidentimiz günäsi geçilen adamlara bolsa yhlasly zähmet çekip, ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli işlere öz goşantlaryny goşmaklaryny, eziz Watanymyza ak ýürekden hyzmat edip, halal zähmetiň hözirini görüp ýaşamaklaryny arzuw etdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Ol şu ýylyň 6-njy dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 45-nji plenar mejlisiniň dowamynda Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen "2023-nji ýyl — Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly" atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigi baradaky hoş habaryň gelip gowşandygyny belledi. Wise-premýer, daşary işler ministri döwlet Baştutanymyzy we mejlise gatnaşyjylary Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň nobatdaky möhüm halkara üstünligi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bu habary kanagatlanma bilen kabul edip we mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, geçen ýyl Türkmenistanyň «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly başlangyç bilen çykyş edendigini hem-de ony Birleşen Milletler Guramasynda öňe sürmek boýunça netijeli işlere başlandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz şu ýylyň 6-njy dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 45-nji plenar mejlisiniň dowamynda bu başlangyjyň goldanylandygyny, şonuň netijesinde "2023-nji ýyl — Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly" atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigini nygtap, ýygnananlary hem-de ähli türkmen halkyny ýurdumyzyň dünýä giňişligindе gazanan bu uly we möhüm üstünligi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, umuman, döwletimiz we Hökümetimiz parasatly, oýlanyşykly daşary syýasat ugrunyň ýokary derejede alnyp barylmagy, ýurdumyzyň halkara abraýynyň has-da belende göterilmegi, dürli döwletler, halkara guramalar bilen özara bähbitli we deňhukukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda uly tagallalary eder.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şeýle hem köp ýyllardan bäri döwletimiziň diplomatik gullugyň işini kämilleşdirmek üçin ähli zerur işleri edýändigini, ony işgärler bilen berkidýändigini, maddy-tehniki we maliýe taýdan üpjün edýändigini belledi. Aýdylanlary dowam edip, döwlet Baştutanymyz «Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň maliýe meseleleri hakynda» Karara gol çekdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Türkmenistanyň Katar Döwletinde (Doha şäheri) ilçihanasyny açmak hakyndaky» Permana gol çekdi.

Ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň işgärleriniň maşgalalaryna ýaşamak üçin döwrebap şertleri döretmek maksady bilen, döwlet Baştutanymyz «Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasyndaky (Daşkent şäheri) ilçihanasynyň işgärleri üçin 12 öýli ýaşaýyş jaýyny gurmak hakynda» Karara gol çekdi.

Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow birnäçe Kararlara — «Täjigistan Respublikasynda 540 orunlyk Magtymguly adyndaky umumybilim berýän orta mekdebiň binalar toplumyny gurmak hakynda»; "Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň Halkara habarlar merkezini döretmek hakynda"; "Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň işini kämilleşdirmek hem-de daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlarymyz bilen gatnaşyklary ösdürmek boýunça geçirilmegi göz öňünde tutulýan çäreleriň Meýilnamasyny tassyklamak hakynda" Kararlara gol çekdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, wise-premýer R.Meredowyň köp ýyllardan bäri Daşary işler ministrligine ýolbaşçylyk edip gelýändigini, onuň Garaşsyz, Bitarap döwletimiziň daşary syýasatyny kämilleşdirmekde, dünýäniň dürli ýurtlary bilen döwletimiziň dost-doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmakda we ösdürmekde uly işleri bitirýändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygyny we Bitaraplygyny berkitmekde, daşary syýasat ugruny durmuşa geçirmekde, ýurdumyzyň syýasy, medeni-ynsanperwer we beýleki gatnaşyklaryny ösdürmekde, daşary ýurtlarda döwletimiziň bähbitlerini goramakda gazanan uly üstünliklerini hem-de diplomatik gullugy ulgamynda köp ýyllaryň dowamynda çeken zähmetini nazara alyp, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowy «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşany bilen sylaglamak barada karara gelendigini aýdyp, degişli resminama gol çekdi.

Soňra Türkmenistanyň Azerbaýjan Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi G.Elýasowa söz berildi. Ilçi ýurdumyzyň diplomatlarynyň adyndan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Halkara Bitaraplyk güni bilen gutlap, "Halkyň Arkadagly zamanasy" ýylynyň her bir gününiň taryhy ähmiýetli wakalara beslenýändigini belledi.

Döwlet Baştutanymyzyň öňdengörüjilikli, täzeçil syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi Watanymyzyň hemmetaraplaýyn okgunly ösüşini, onuň dünýädäki abraýynyň belende galmagyny üpjün edýär. Dürli döwletler bilen syýasy, ykdysady we ynsanperwer ulgamlarda deňhukukly gatnaşyklaryň ösdürilmegi, şeýle hem iri halkara guramalar, şol sanda BMG hem-de onuň düzüm birlikleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagy hormatly Prezidentimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan möhüm ugurlarydyr.

12-nji dekabryň Halkara Bitaraplyk güni diýlip yglan edilmegi, Türkmenistanyň howanyň üýtgemegi, daşky gurşawy goramak, energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, halkara ulag geçelgelerini döretmek we beýleki birnäçe ugurlar boýunça öňe sürýän başlangyçlarynyň dünýä bileleşigi tarapyndan giňden goldanylmagy hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda hem-de Gahryman Arkadagymyzyň oňyn başlangyçlary netijesinde Watanymyzyň barha artýan belent abraýynyň aýdyň subutnamalarydyr.

Doly ygtyýarly wekiliň belleýşi ýaly, doganlyk halklaryny gadymdan gelýän medeni hem-de taryhy umumylyklar birleşdirýän Türkmenistan bilen Azerbaýjan Respublikasynyň arasynda hyzmatdaşlyk soňky ýyllarda ähli ugurlarda üstünlikli ösdürilýär. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň oňyn syýasaty netijesinde soňky wagtda ikitaraplaýyn gatnaşyklar hil taýdan täze many-mazmuna eýe boldy hem-de bu hyzmatdaşlyga ýokary baha berilýär. Ähli ulgamlarda döwletara gatnaşyklary giňeltmek üçin ägirt uly mümkinçilikler bar.

Ýurdumyzyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin daşary syýasat konsepsiýasynyň esasy maksatlaryndan ugur alyp, Watanymyzyň Bitaraplyk hukuk derejesini pugtalandyrmak, syýasy, söwda-ykdysady, ylym-bilim, medeni-ynsanperwer ulgamlarda dünýäniň ähli ýurtlary hem-de halkara düzümleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek we çuňlaşdyrmak, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde Milletler Bileleşiginiň tagallalaryny goldamak ýurdumyzyň diplomatlarynyň mukaddes borjudyr. Şunuň bilen baglylykda, G.Elýasow diplomatik gullugyň işgärleriniň öňde goýlan wezipeleri durmuşa geçirmäge mynasyp goşant goşjakdyklaryna döwlet Baştutanymyzy ynandyrdy.

Doly ygtyýarly wekil ýurdumyzyň diplomatik düzüminiň işgärleri adyndan Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň hem-de konsullyk edaralarynyň netijeli işlemegi üçin hemmetaraplaýyn goldaw berýändigi, şeýle hem gullugyň maddy-enjamlaýyn üpjünçiliginiň hemişe üns merkezinde saklanylýandygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy ýetip gelýän ajaýyp baýramçylyk bilen ýene-de bir gezek gutlady hem-de berk jan saglyk, uzak ömür, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň we onuň halkara abraýynyň has-da belende galmagynyň bähbidine alyp barýan giň gerimli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra Türkmenistanyň Fransiýa Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi M.Çaryýew ýurdumyzyň diplomatlarynyň adyndan döwlet Baştutanymyzy dünýäde giňden bellenilýän hem-de uly milli baýramlarymyzyň biri hasaplanylýan Halkara Bitaraplyk güni bilen gutlady we berk jan saglyk, uzak ömür hem-de ähli başlangyçlarynda üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we Gahryman Arkadagymyzyň maksada laýyk işleri, amala aşyrylýan çuňňur oýlanyşykly içeri we daşary syýasaty netijesinde ata Watanymyz halkara derejede eýeleýän ornuny we abraýyny pugtalandyrýar. Milletler Bileleşigi tarapyndan giň goldawa eýe bolýan, tutuş adamzat üçin ähmiýetli öňe sürülýän başlangyçlar ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça netijeli çözgütleri tapmaga Türkmenistanyň işjeň gatnaşýandygynyň aýdyň subutnamasy bolup hyzmat edýär.

Ilçiniň habar berşi ýaly, häzirki wagtda

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ИЗБРАННОГО ПРЕЗИДЕНТА ШВЕЙЦАРСКОЙ КОНФЕДЕРАЦИИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания г-ну Алену Берсе в связи с его избранием на пост Президента Швейцарской Конфедерации.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана адресовал г-ну Алену Берсе пожелания крепкого здоровья, счастья, благополучия и больших успехов на новой должности.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ИНДОНЕЗИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Индонезия Джоко Видодо и всему народу страны по случаю 30-летия установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Республикой Индонезия.

Отношения между нашими государствами опираются на взаимоуважение, равноправие и обоюдное доверие, отметил глава государства, подчеркнув, что Туркменистан заинтересован в расширении двусторонних связей, а также выразил уверенность, что благодаря совместным усилиям сотрудничество наших стран будет и далее развиваться в интересах обоих народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Джоко Видодо искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Республики Индонезия – прогресса и процветания.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI AZERBAÝJAN RESPUBLIKASYNYŇ MILLI MEJLISINIŇ BAŞLYGYNY KABUL ETDI



2022-nji ýylyň 7-nji dekabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow öz ýurdunyň parlament wekiliýetine ýolbaşçylyk edip, sapar bilen Türkmenistana gelen Azerbaýjan Respublikasynyň Milli Mejlisiniň Başlygy Sahiba Gafarowany kabul etdi.

Myhman ikiçäk duşuşykda döwletara hyzmatdaşlygyň wajyp meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza Prezident Ilham Aliýewiň mähirli salamyny hem-de öz kärdeşine we ähli türkmen halkyna tüýs ýürekden bagtyýarlyk, parahatçylyk, abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Azerbaýjan Respublikasynyň parlamentiniň ýolbaşçysyny mübärekläp, dostlukly ýurduň ýokary derejeli ýolbaşçylaryna we halkyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de şu saparyň çäklerindäki duşuşyklaryň, gepleşikleriň biziň doganlyk döwletlerimiziň arasynda parlamentara gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak işine ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň barşynda halkara syýasatyň we sebitara gatnaşyklaryň meseleleri, hususan-da, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek bilen baglanyşykly meseleler boýunça iki döwletiň garaýyşlarynyň ýakyndygy we meňzeşdigi kanagatlanma bilen nygtaldy.

Biziň ýurtlarymyz diňe bir ikitaraplaýyn esasda hyzmatdaşlyk etmek bilen çäklenmän, eýsem, BMG, Türki Döwletleriň Guramasy, GDA, ÝHHG, Goşulyşmazlyk Hereketi ýaly abraýly guramalaryň çäklerinde hem gatnaşyk edýärler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow häzirki wagtda Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň ägirt uly serişdeler, ykdysady, ulag-logistika kuwwatyna eýedigini nygtady. Olardan netijeli peýdalanmak diňe bir iki ýurduň halklarynyň däl, eýsem, sebitiň bähbitlerine-de laýyk gelýär.

Köpugurly hyzmatdaşlygyň çäklerinde parlamentara gatnaşyklara möhüm ähmiýet berilýär. Şol gatnaşyklar döwletara hyzmatdaşlygyň üstüni ýetirmelidir, olaryň kanunçylyk binýadyny pugtalandyrmalydyr we täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmalydyr.

Şu gezekki parlament wekiliýetiniň düzümine türkmen-azerbaýjan dostluk toparynyň ähli agzalarynyň diýen ýaly goşulandygy bellärliklidir.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dostlukly ýurduň Milli Mejlisiniň Başlygynyň şu saparyna türkmen-azerbaýjan parlamentara gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmegiň ýolunda möhüm ädim hökmünde baha berýändigini nygtap, duşuşygyň ahyrynda Sahiba Gafarowa berk jan saglyk, bagt, jogapkärli döwlet işinde üstünlikleri, Azerbaýjan Respublikasynyň doganlyk halkyna bolsa parahatçylyk, rowaçlyk we gülläp ösüş arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

***(Başlangyjy 1-nji sahypada).***

ýurdumyzyň daşary syýasat ugrunyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny üstünlikli durmuşa geçirmäge gönükdirilen işleriň toplumy amala aşyrylýar. Şunda parlamentara gatnaşyklaryň ösdürilmegine, syýasy maslahatlaşmalaryň geçirilmegine, dünýäniň döwletleri bilen ykdysady hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna, işewürler maslahatlarynyň, medeni çäreleriň guralmagyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda halkara we sebit ähmiýetli iri energetika hem-de ulag taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine uly üns berilýändigine aýratyn üns çekildi. Ýurdumyza Bütindünýä Söwda Guramasyna goşulýan ýurt („işjeň synçy") derejesiniň berilmegi daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda gazanylan üstünlikleriň hatarynda görkezildi. Bu bolsa milli ykdysadyýeti yzygiderli ösdürmäge, Türkmenistanyň daşary söwdada eýeleýän ornuny pugtalandyrmaga, köptaraply söwda-ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmegine, daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegine ýardam bermäge gönükdirilendir.

Şunuň bilen bir hatarda, ynsanperwer ulgamda özara hereketleri çuňlaşdyrmak maksady bilen, şol sanda medeniýet, ylym-bilim ulgamlarynda öňdebaryjy tejribäni we täzeçil çözgütleri ornaşdyrmak üçin abraýly guramalar, hususan-da, BMG, ÝHHG, ÝB, ÝUNESKO bilen netijeli gatnaşyklaryň ösdürilýändigi bellenildi. ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy goramak boýunça Hökümetara komiteti tarapyndan giňden ylalaşylan çözgüdiň esasynda 2022-nji ýylyň 1-nji dekabrynda „Türkmen keşdeçilik sungaty" atly hödürnamany Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek baradaky çözgüdiň kabul edilmegi hem türkmen diplomatiýasynyň nobatdaky üstünlikleriniň hatarynda görkezildi.

M.Çaryýew çykyşynyň ahyrynda ýurdumyzyň diplomatik toplumynyň adyndan diplomatik gullugyň hukuk we maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, onuň işgärleriniň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak baradaky meselelere yzygiderli üns berýändigi üçin döwlet Baştutanymyza çuňňur hoşallyk bildirdi. Ilçi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolmagynyň 27 ýyllygy hem-de Halkara Bitaraplyk güni bilen mähirli gutlap, Türkmenistanyň döredijilikli ýörelgelerini, döwlet Baştutanymyzyň sebit hem-de ählumumy derejede parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen öňyn başlangyçlaryny netijeli durmuşa geçirmek üçin mundan beýläk-de tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdy.

Soňra ýene-de Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Ol ýurdumyzyň diplomatik düzüminiň adyndan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Halkara Bitaraplyk güni bilen gutlady we şu mynasybetli iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Nygtalyşy ýaly, döwlet Baştutanymyzyň ýolbaşçylygynda Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty yzygiderli durmuşa geçirýär. Ýurdumyzyň ählumumy gün tertibine degişli başlangyçlary giň ykrarnama eýe bolýar. Munuň özi eziz Watanymyzyň dünýä giňişligindäki abraýynyň has-da belende galmagynyň şertlendirýär.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň döwrebap düzümi döredildi, onuň netijeli işlemegi üçin ähli şertler üpjün edildi, milli hünär mekdebi kemala getirildi. Bu giň gerimli işler hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda yzygiderli dowam etdirilýär, degişli kadalaşdyryjy hukuk binýady kämilleşdirilýär, diplomatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertleri gowulandyrylýar, ilçihanalaryň we konsullyklaryň ulgamy giňeldilýär. Türkmenistan abraýly halkara guramalarda mynasyp wekilçilik edýär. Döwlet Baştutanymyzyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek maksadyndan ugur alnyp, abraýly halkara guramalar we daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek, degişli teklipleri taýýarlamak boýunça netijeli çäreler görülýär. Bu babatda şu gün hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamalarynyň wajypdygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer, daşary işler ministri türkmen diplomatlarynyň öz öňlerinde goýlan möhüm we jogapkärli wezipeleri çözmek üçin mundan beýläk-de ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp we gutlaglar üçin minnetdarlyk bildirip, Türkmenistanyň gyzyklanma bildirýän hyzmatdaşlaryň ählisi bilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn görnüşde, iri halkara guramalaryň çäklerinde özara hormat goýmak we ynanyşmak esasynda hyzmatdaşlyk üçin hemişe açykdygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini jemläp, Türkmenistanyň Bitaraplygynyň ýetip gelýän baýramy bilen hemmeleri ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlady hem-de olara berk jan saglyk, abadançylyk we mähriban halkymyzyň bähbidine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

***

Soňra Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň ýolbaşçylarynyň, Hökümet agzalarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa „Türkmenistanyň ussat diplomaty" diýen tapawutlandyryş nyşanyny gowşurmak dabarasy boldy.

Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň degişli Kararyny okady.

Nygtalyşy ýaly, döwlet Baştutanymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna hem-de şöhratly ata-babalarymyzdan miras galan asylly ýörelgelere esaslanýan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasy strategiýa üstünlikli durmuşa geçirilýär. Häzirki döwürde türkmen Bitaraplygy dünýäde we sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmegiň işjeň guraly hökmünde ykrar edildi.

Bellenilişi ýaly, Watanymyzyň Garaşsyzlygyny we hemişelik Bitaraplygyny pugtalandyrmak, onuň halkara bileleşikde belent abraýyny berkitmek, parahatçylyk söýüjilikli syýasaty amala aşyrmak, ählumumy halkara maksatnamalary durmuşa geçirmek, daşary ýurt döwletleri we halkara guramalar bilen gatnaşyklary ösdürmek işine goşan uly şahsy goşandyny, ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmekde bitiren aýratyn hyzmatlaryny nazara almak bilen, şeýle hem Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Karary bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow ýokarda agzalan tapawutlandyryş nyşany bilen sylaglanylýar.

Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa dabaraly ýagdaýda döwlet Baştutanymyza „Türkmenistanyň ussat diplomaty" diýen tapawutlandyryş nyşanyny gowşurdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bu sylagy minnetdarlyk bilen kabul edip, ony Bitarap Watanymyzyň gülläp ösmeginiň bähbidine bilelikdäki agzybirlikli işe berlen ýokary baha hökmünde kabul edýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyz dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň birine öwürmäge, halkara gatnaşyklary işjeňleşdirmäge gönükdirilen işler mundan beýläk-de dowam etdiriler. Hormatly Prezidentimiz bular barada aýtmak bilen, eziz Watanymyzyň okgunly ösmeginiň we onuň halkara abraýynyň has-da belende galmagynyň bähbidine tutanýerli zähmetiň netijesinde belent maksatlara ýetiljekdigine ynam bildirdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ýygnananlaryň adyndan döwlet Baştutanymyzy „Türkmenistanyň ussat diplomaty" diýen tapawutlandyryş nyşanynyň gowşurylmagy bilen gutlady.

Bellenilişi ýaly, daşary syýasat ulgamynda uly oňyn tejribä eýe bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň halkara abraýynyň has-da belende galmagy, dünýä ähmiýetli başlangyçlaryň ilerledilmegi üçin ýadawsyz tagalla edýär.

Döwlet Baştutanymyzyň beýan eden, ählumumy gün tertibiniň wajyp meseleleriniň sazlaşykly çözgütlerini işläp taýýarlamaga degişli oňyn teklipleri dünýä bileleşiginiň giň ykrarnamasyna eýe bolýar. Wise-premýer, daşary işler ministri hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň daşary syýasy ugruny üstünlikli durmuşa geçirmekde uly hyzmatlaryny nygtap, Arkadagly Serdarymyzy ýokary sylag bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlady we giň gerimli asylly işlerinde mundan beýläk-de üstünlikleri arzuw etdi.

Интернет газета
Международные новости

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BIRLEŞEN ARAP EMIRLIKLERINIŇ WEKILIÝETINI KABUL ETDI

2022-nji ýylyň 9-njy dekabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirlikleriniň senagat we öňdebaryjy tehnologiýalar boýunça ministri Sultan Al Jaberiň ýolbaşçylygynda ýurdumyza sapar bilen gelen wekiliýeti kabul etdi.

Myhmanlar wagt tapyp kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan edip, Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýanyň, şeýle hem BAE-niň wise-prezidenti, Premýer-ministri, goranmak ministri, Dubaý emirliginiň häkimi Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktumyň hem-de BAE-niň Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýanyň mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdiler.

Mümkinçilikden peýdalanyp, Sultan Al Jaber hem-de wekiliýetiň agzalary hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy we ähli türkmen halkyny Bitaraplygyň 27 ýyllygy bilen gutladylar.

Döwlet Baştutanymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip hem-de Birleşen Arap Emirlikleriniň ýokary ýolbaşçylaryna mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan edip, gadymy we myhmansöýer türkmen topragynda dostlukly ýurduň wekiliýetiniň agzalaryny kabul etmäge şatdygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda ýola goýlan ýakyn gatnaşyklaryň giňeldilmeginiň ähmiýetine ünsi çekip, ýurdumyzyň bu hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga hem-de olary täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga gyzyklanma bildirýändigini tassyklady.

Döwlet Baştutanymyz BAE-däki hyzmatdaşlaryň gyzyklanma bildirýän ähli ulgamlarda gatnaşyklary ösdürmek boýunça anyk tekliplerine türkmen tarapynyň seretmäge taýýardygyny tassyklap, döwletara gatnaşyklaryň iki dostlukly halkyň bähbidine mundan beýläk-de ösdüriljekdigine hem-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz we myhmanlar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň özara bähbitli uzak möhletleýin esasda mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna we täze many-mazmun bilen baýlaşdyryljakdygyna ynam bildirdiler.

Şeýle hem şu gün senagat we öňdebaryjy tehnologiýalar boýunça ministr Sultan Al Jaberiň ýolbaşçylygyndaky BAE-niň wekiliýetiniň agzalary Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň nebitgaz toplumyna, gurluşyk, elektroenergetika, awtomobil ýollary gurluşygy we himiýa senagaty pudaklaryna, maliýe-ykdysady toplumyna gözegçilik edýän orunbasarlary bilen duşuşyklary geçirdiler.



Ýangyç-energetika toplumy, maliýe-bank ulgamy, gaýtadan işleýän we senagat pudaklary, gurluşyk ýaly strategik ulgamlarda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň mümkinçilikleri gyzyklanma bildirilip, ara alnyp maslahatlaşyldy.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI TÜRKI DÖWLETLERIŇ GURAMASYNYŇ BAŞ SEKRETARYNY KABUL ETDI



2022-nji ýylyň 10-njy dekabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türki Döwletleriň Guramasynyň Baş sekretary Kubanyçbek Ömüraliýewi kabul etdi.

Myhman wagt tapyp kabul edendigi hem-de ählumumy howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek maksady bilen, parahatçylygy we ynanyşmagy pugtalandyrmak ýaly häzirki zamanyň wajyp meselelerine bagyşlanylan “Dialog — parahatçylygyň kepili” atly halkara maslahata gatnaşmaga döredilen mümkinçilik üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow guramanyň ýolbaşçysyny gadymy we sahawatly türkmen topragynda görýändigine şatdygyny belledi. Ony Türki Döwletleriň Guramasynyň Baş sekretary wezipesine bellenilmegi bilen gutlap, döwlet Baştutanymyz Kubanyçbek Ömüraliýewe alyp barýan jogapkärli işinde üstünlikleri arzuw etdi.

Döwlet Baştutanymyz bu guramanyň türki dünýäniň döwletleriniň arasynda baglanyşdyryjy gural hökmünde hereket etmekde uly mümkinçilikleriniň bardygyny belläp, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 27 ýyllygy mynasybetli geçirilýän “Dialog — parahatçylygyň kepili” atly halkara maslahatyň dostlukly hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine kuwwatly itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda dürli ugurlardaky ägirt uly mümkinçilikleri nazara alyp, hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlary boýunça gyzyklanma bildirilýän pikir alyşmalar boldy. Energetika, ulag-aragatnaşyk we söwda ugurlarynda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek hem-de tagallalary utgaşdyrmak möhüm ugurlar hökmünde kesgitlenildi.

Medeni-ynsanperwer ulgam hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Bilim, ylym we medeniýet ugurlary boýunça maksatnamalaryň hem-de taslamalaryň gerimini giňeltmek, bu ugurdaky netijeli gatnaşyklary ösdürmek, özara bähbitli döwletara hyzmatdaşlygy täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmak häzirki döwrüň möhüm meselelerini çözmekde aýratyn ähmiýetlidir.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we myhman Türkmenistan bilen Türki Döwletleriň Guramasynyň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygyň ählumumy abadançylygyň bähbidine mundan beýläk-de sazlaşykly ösdüriljekdigine, ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky däp bolan ynanyşmak hem-de dost-doganlyk gatnaşyklarynyň berkidilmegini üpjün etjekdigine ynam bildirdiler.

## ВСТРЕЧА ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ХАЛК МАСЛАХАТЫ МИЛЛИ ГЕНГЕША С ЗАМЕСТИТЕЛЕМ ПРЕДСЕДАТЕЛЯ СОВЕТА ФЕДЕРАЦИИ ФЕДЕРАЛЬНОГО СОБРАНИЯ РФ

9 декабря 2022 года состоялась встреча Председателя Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова с заместителем Председателя Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации Константином Косачёвым.

Тепло поприветствовав гостя, Герой-Аркадаг пожелал успешного проведения намеченных на время визита встреч и переговоров, продуктивного обмена мнениями по перспективным направлениям взаимодействия, представляющим интерес для обеих сторон.

Выразив признательность за уделённое время и оказанный на туркменской земле радушный приём, гость передал Председателю Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана сердечные приветствия и наилучшие пожелания от Председателя Совета Федерации РФ Валентины Матвиенко.

Пользуясь представившейся возможностью, гость поздравил Аркадага с Международным днём нейтралитета, пожелав дальнейших успехов на пути прогресса и процветания. Как было подчёркнуто, этот статус, дважды признанный специальными Резолюциями Организации Объединённых Наций, – отражение активной и позитивной роли нашей страны в развитии взаимовыгодных и добрососедских отношений со всеми заинтересованными государствами.

Поблагодарив заместителя Председателя Совета Федерации РФ за добрые слова, Председатель Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов адресовал ответные приветствия и наилучшие пожелания Председателю Совета Федерации Валентине Матвиенко.

Как отметил Герой-Аркадаг, он с особой теплотой вспоминает недавний официальный визит в Российскую Федерацию, по итогам которого был подписан исторический документ – Соглашение о создании двусторонней Межпарламентской комиссии по сотрудничеству, который придаст новый импульс взаимодействию между туркменскими и российскими парламентариями.

В завершение встречи, ещё раз обменявшись добрыми пожеланиями, собеседники выразили твёрдую уверенность в дальнейшей интенсификации туркмено-российского сотрудничества, выстраиваемого на фундаменте многовековой исторической, духовной и культурной общности двух братских народов.

## Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygynyň Fransiýa Respublikasynyň Senatynyň “Fransiýa — Merkezi Aziýa” parlamentara dostluk toparynyň başlygy bilen duşuşygy

2022-nji ýylyň 9-njy dekabrynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Fransiýa Respublikasynyň Senatynyň “Fransiýa - Merkezi Aziýa” parlamentara dostluk toparynyň başlygy Erwe Moreý bilen duşuşygy boldy.

Myhman ikiçäk duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowy hem-de ähli türkmen halkyny Bitaraplyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlady.

Senatyň Başlygy Žerar Larşeniň adyndan mähirli salam ýetirip, iň oňat arzuwlaryny beýan etmek bilen, parlamentara dostluk toparynyň başlygy Fransiýanyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ygrarlydygyny tassyklady. Şeýle hem myhman Fransiýanyň Senatynyň Başlygynyň Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygyna özi üçin islendik amatly wagtda Fransiýa Respublikasyna sapar bilen gelmek baradaky ýörite çakylygyny ýetirdi.

Hormatly Arkadagymyz gutlaglardyr hoşniýetli arzuwlar üçin minnetdarlyk bildirip, Fransiýa Respublikasynyň Senatynyň Başlygyna mähirli salamyny beýan edip, şu saparyň ýurtlaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary has-da pugtalandyrmakda we parlamentara hyzmatdaşlygy ösdürmekde möhüm ädime öwrüljekdigini belledi hem-de çakylygy minnetdarlyk bilen kabul etdi.

Söhbetdeşligiň dowamynda şu ýyl şanly senäniň — Türkmenistan bilen Fransiýa Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygynyň bellenilýändigi nygtaldy. Bellenilişi ýaly, şu döwürde ikitaraplaýyn görnüşde bolşy ýaly, halkara guramalaryň çäklerinde ysnyşykly hyzmatdaşlyk ýola goýuldy.

Söhbetdeşler iki ýurduň hyzmatdaşlygyny has-da giňeltmek üçin parlamentara gatnaşyklarynyň, şol sanda “Fransiýa - Merkezi Aziýa” parlamentara dostluk toparynyň uly mümkinçiligini peýdalanmagyň zerurdygyny bellediler. Şunuň bilen baglylykda, parlament diplomatiýasynyň mümkinçiliginiň ulanylmagyna üns çekildi.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Fransiýa Respublikasynyň Senatynyň “Fransiýa - Merkezi Aziýa” parlamentara dostluk toparynyň başlygy Erwe Moreý döwletara gatnaşyklara iki ýurduň özara düşünişmeginiň hem-de ýakynlaşmagynyň möhüm guraly hökmünde garap, mundan beýläk-de netijeli hyzmatdaşlyga taýýardyklaryny tassykladylar.

Duşuşygyň ahyrynda söhbetdeşler birek-birege berk jan saglyk, abadançylyk hem-de jogapkärli kanun çykaryjylyk işinde üstünlikleri arzuw etdiler.

Интернет газета
Международные новости

## ПРИНЯТИЕ РЕЗОЛЮЦИИ ТУРКМЕНИСТАНА НА 77-ОЙ СЕССИИ ГЕНЕРАЛЬНОЙ АССАМБЛЕИ ООН

6 декабря 2022 года состоялось 45-ое пленарное заседание 77-ой сессии Генеральной Ассамблеи ООН. В ходе заседания Генеральная Ассамблея рассмотрела проект резолюции «Международный год диалога как гарантии мира, 2023 год», представленный Туркменистаном под пунктом 14 повестки дня «Культура мира». Об этом сообщает МИД страны.

Представляя проект резолюции, туркменская делегация подчеркнула, что Президент Туркменистана впервые выдвинул глобальную инициативу «Диалог - гарантия мира» в декабре 2021 года в ходе Международной конференции «Политика мира и доверия - основа международной безопасности, стабильности и развития».

Делегация Туркменистана отметила, что проект резолюции «Международный год диалога как гарантии мира, 2023 год» был подготовлен после широкого спектра консультаций между странами-членами ООН при учёте всех конструктивных мнений и предложений.

В документе отражены основополагающие цели и принципы Устава ООН, прежде всего обязательства по урегулированию споров мирными средствами и решимость избавить грядущие поколения от бедствий войны. Проект резолюции подтверждает, что инклюзивный диалог в его различных проявлениях играет важную роль в укреплении отношений и сотрудничества между государствами-членами.

Представляя проект резолюции, делегация Туркменистана обратила особое внимание на то, что 11 декабря текущего года в Туркменистане состоится Международная конференция «Диалог – гарантия мира», которая создаст площадку для широкого обмена мнениями по тематике, затрагиваемой в проекте резолюции, и заложит основу для запуска в 2023 году Глобальной кампании во имя Диалога, как гарантии мира. Делегация Туркменистана пригласила все страны-члены и учреждения системы Организации Объединённых Наций принять активное участие в предстоящем Форуме.

После обсуждений данная резолюция была принята консенсусом. Соавторами резолюции выступили 68 стран-членов Организации.



## В АШХАБАДЕ СОСТОЯЛАСЬ МЕЖДУНАРОДНАЯ КОНФЕРЕНЦИЯ «ДИАЛОГ – ГАРАНТИЯ МИРА»



11 декабря 2022 года по инициативе Президента Сердара Бердымухамедова в столичном отеле «Ýyldyz» состоялась Международная конференция «Диалог – гарантия мира», приуроченная к Международному дню нейтралитета и 27-й годовщине обретения Туркменистаном постоянного нейтрального статуса.

На пленарном заседании высокого уровня собрались заместители Председателя Кабинета Министров Туркменистана, члены Милли Генгеша, руководители ведомств страны, отечественные и зарубежные дипломаты – главы и представители аккредитованных за рубежом дипмиссий Туркменистана, а также работающих в нашей стране дипредставительств иностранных государств и авторитетных международных организаций, в том числе ООН и её специализированных структур, представители общественных организаций и средств массовой информации.

В числе почётных гостей форума – участники международных и региональных мероприятий, проведённых в туркменской столице в канун знаменательной даты, в том числе ежегодного заседания Диалога женщин стран Цент¬ральной Азии.

С большим вниманием собравшиеся заслушали направленное им Обращение Генерального секретаря ООН Антониу Гутерриша, текст которого зачитал Постоянный координатор ООН в Туркменистане Дмитрий Шлапаченко.

Затем слово было предоставлено многочисленным делегатам форума, которые, поблагодарив за приглашение принять участие в нынешней конференции и мероприятиях по случаю 27-й годовщины нейтралитета Туркменистана, пользуясь случаем, сердечно поздравили туркменский народ с большим национальным праздником.

Своё видение позитивной роли независимого нейтрального Туркменистана в упрочении международных связей представили в выступлениях в онлайн- и оффлайн-форматах и другие зарубежные участники – руководители авторитетных международных организаций.

На Форуме выступили Специальный представитель Генерального секретаря ООН по Центральной Азии, глава Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии г-жа Наталья Герман, Генеральный секретарь Организации тюркских государств Кубанычбек Омуралиев, Генеральный секретарь Организации по безопасности и сотрудничеству в Европе г-жа Хельга Мария Шмид направила послание, которое зачитал глава Центра ОБСЕ в Ашхабаде Джон МакГрегор, Генеральный секретарь Шанхайской организации сотрудничества Чжан Мин(видеообращение), Генеральный секретарь Организации экономического сотрудничества, Посол Хусрав Нозири (видеообращение).

По окончании пленарного заседания работа Международной конференции «Диалог – гарантия мира» продолжилась в рамках трёх тематических сессий: «Диалог, как основа превентивной деятельности и предотвращения конфликтов», «Укрепление продовольственной и экологической безопасности посредством диалога», «Многостороннее сотрудничество в информационном пространстве и роль информационных сетей в налаживании межнационального диалога».

По результатам работы тематических сессий был принят Итоговый документ. По завершении конференции состоялись встречи её участников с представителями отраслевых ведомств.

## UNRCCA CONVENED ANNUAL MEETING WITH DEPUTY FOREIGN MINISTERS OF CENTRAL ASIAN STATES




Twelfth annual Meeting of Deputy Foreign Ministers of Central Asian states, organized by the United Nations Regional Centre for Preventive Diplomacy for Central Asia (UNRCCA) with the support of the Government of Turkmenistan, took place on 11 December, in Ashgabat.

The purpose of the annual meeting was to exchange views on developments and trends affecting peace and security in Central Asia as well as to discuss the cooperation between UNRCCA and the Governments of the region in areas related to preventive diplomacy.

Addressing the meeting, the Special Representative of Secretary-General for Central Asia, Head of UNRCCA, Natalia Gherman underlined that "despite the current challenging global situation, countries of the region maintained regular contacts at different levels, including at the highest political level, to secure cooperation in the security, energy, climate change and other fields".

On the occasion of the 15th anniversary of UNRCCA, the Deputy Foreign Ministers appreciated the long-standing partnership and trust, developed over years, between the Governments of the Five Central Asian states and UNRCCA. They expressed support to the activities of the Regional Centre in its priority areas, including preventing extremism and countering terrorism, climate change and water diplomacy as well as dialogues on "Women, Peace and Security" and "Youth, Peace and Security".

Within the framework of the high-level meeting, the UNRCCA hosted the Fourth Dialogue between the Governments and youth of Central Asia. Ten Preventive Diplomacy Academy participants, representing all five countries of the region, met with the Deputy Foreign Ministers to share their vision on the future of the region.

The Twelfth Meeting of Deputy Foreign Ministers of Central Asian states concluded a series of events devoted to the 27th anniversary of Neutrality of Turkmenistan and the 15th anniversary of UNRCCA, which took place in Ashgabat on 10-11 December 2022.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Опубликована книга «Правовая охрана детей в Туркменистане»***

Институт государства, права и демократии Туркменистана при поддержке ЮНИСЕФ опубликовал в одной книге все законы Туркменистана о защите прав и продвижении интересов детей. Сборник «Правовая охрана детей в Туркменистане» содержит национальные законы и международно-правовые документы, участником которых является Туркменистан.

Книга будет способствовать повышению осведомленности общественности в вопросах защиты прав и интересов детей в Туркменистане и более широкому распространению правовых знаний в этой области. Электронная версия этого издания находится в свободном доступе на сайте ЮНИСЕФ.

***В ИМО МИД Туркменистана подвели итоги конкурса фотожурналистики***

10 декабря 2022 года были подведены итоги фотоконкурса «Туркменистан – Родина Нейтралитета», организованный Институтом Международных отношений МИД Туркменистана, в конкурсе приняли участие студенты вузов нашей страны. Жюри оценивало конкурсантов по двум категориям. В первую категорию вошли работы студентов, специализирующихся в области журналистики, а во второй работы студентов других специальностей.

***Туркменистан совершенствует политику в области гендерного равенства***

В рамках международной кампании «16 дней активизма против гендерного насилия» Программа развития ООН совместно (ПРООН) с Фондом ООН в области народонаселения провели семинар по изучению опыта создания национальной системы реагирования на гендерное насилие. Мероприятие проходило с участием представителей профильных министерств и ведомств, общественных организаций Туркменистана.

Семинар нацелен на дальнейшее укрепление и институционализацию многосекторальной системы реагирования на гендерное насилие и предоставлении скоординированной социальной поддержки.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***